Seyitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň wekilleri 20-27-nji noýabr aralygynda Fransiýada boldular. Delegatlar öňdebaryjy innowasion tehnologiýalar, maglumatlary goramak bilen tanyşdylar we olaryň okuw-usulyýet, ylmy-barlag işlerinde ornaşdyrylmagy boýunça tejribäni öwrendiler. Bu barada türkmen degişli edaranyň metbugat gullugy habar berdi.

Türkmen delegasiýasy Sorbonna uniwersitetine, Pariž şäher uniwersitetine we Amerikan işewürlik mekdebine baryp, okuw prosesiniň guralyşy, emeli intellekt tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, inženerçilik we fizikada 3D modellemegiň ulanylyşy, robototehnika boýunça bilim programmalary bilen tanyşdylar.

Bu delegasiýanyň saparynyň, dünýä standartlaryna laýyklykda gurlup boljak täze Seyitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň toplumy bilen baglanyşyklydygyny bellemek gerek.

Все права защищены

save pdf date >>> 02.02.2025